# Gorkma!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gorkma! **• Gorkmaň hiç zatdan…**

Gorkmaň siz goýras dumanyň çygyndan,
Gorkmaň siz taňkyran jübiň düýbinden,
Hem eýmenmäň belent daglaň silinden,
Ne näkesiň pyglyndan, ne batganyň lüýgünden.

Howsalany kowuň gülkiňiz bilen
Diňe öz gorkyň–özüňe duşmandyr, biliň!

Kynçylykdan gorkmaň, ejizlemäň hiç,
Ýeňil üstünlikleň mydam soňy puç,
Gorkma halalllykdan hem ýenjilmekden,
Gork kezzaplykdan hem aşa doýmakdan.

Howsalany kowuň gülkiňiz bilen
Diňe öz gorkyň–özüňe duşmandyr, biliň!

Terjime eden Kakajan BALKANOW.

**• Çekinme**

Çekinme, toz-topur goýy dumandan,
Çekinme, kiseleň boşamagyndan
Çekinme, daglardan inen sillerden,
Ymgyr batgalardan, ýaman illerden.

Çekinme, durmuşyň kyn synagyndan,
Çekin, üstünligiň arzan nyrhyndan!
Çekin, ýalan sözläp, gurply gezmekden,
Çekinme, rast aýdyp, şarpyk iýmekden!

Ähli kynçylyga wehimsiz seret,
Diňe öz gorkyňdan çekinmek gerek!

Terjime eden Maksat SEÝITLIÝEW.

* * *

Не надо бояться густого тумана,
Не надо бояться пустого кармана.
Не надо бояться ни горных потоков,
ни топей болотных, ни грязных подонков!

Не надо бояться тяжёлой задачи,
а надо бояться дешёвой удачи.
Не надо бояться быть честным и битым,
а надо бояться быть лживым и сытым!

Умейте всем страхам в лицо рассмеяться, —
лишь собственной трусости надо бояться! Goşgular